# Ezizowyñ emri bilen -9: Bagyşlanýar… / soñy

Category: Edebi makalalar,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ezizowyñ emri bilen -9: Bagyşlanýar… / soñy BAGYŞLANÝAR…

*Hatyra setirleri*

Şu sözi agzadygym, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda frontda wepat bolan zehinli sazanda Nury Saryýewiň (Pürli aganyň inisi) gyjagynyň sesi, onuň «Bagyşlanýar» atly zaryn sazy hakydamda oýanyberýär. Çagakam gyzamyk çykaranymda, «maşynbagşy» aýtdyryp, gije-gündiz diňlän iki kartymyň biri şoldy…
…Ine bu gara depderiň içi hem gyjagyň gamly owa- zyndan gyrmalanyp duran ýaly.
Türkmen sowet edebiýatynda şanyna şunça goşgy ýazylan ýene bir şahyryň, kyssaçynyň hiç döwürde bolmandygyny, häzirki gün hem ýokdugyny açyk aýdyp bolar. Şunça hatyra setirlerine eýe bolan ýazyjylar gaýry bir doganlyk edebiýatynda-da az-azmyka diýýärin.
Gurbannazar Ezizow aradan çykandan soň oňa bagyşlanyp ýazylan, çap edilen goşgulardan (mersiýelerden) çagalarynyň göçürip alanlarynyň özem altmyşdan geçýär!
Bu goşgular hem onuň hemmesi däl… Özünem şeýle eserler, şahyryň ýogalanyna on bäş ýyl bolsa-da, şindem ýazylyp, şindem ondan-mundan çykyp dur.
Olaryň çap bolmadyklary, gör, näçekä! «Çeperçilik taýdan gowşaklary», her kimiň öz albomynyň gatynda galany!..
Sebäbi öz ýürek owazlaryny kagyza geçirip, şeýle goşgyny ýazmagy özüne borç bilenleriň we bilip ýörenleriň hemmesi ussat şahyr däl ahyry. Olaryň arsynda ýaşlar-da, ýaňy «ýörjen-ýörjen» bolýan başlangyçlar-da gaty kän.
Gurbannazaryň dostlary-da, tanyşlary-da, çala tanyşlary-da, oňa düýbünden näbelet adamlar-da bar. Olaryň hemmesem bu

şahyra ba gyşlama ýazmagy özüne borç bilýär,

Ýöne men şu ýerde öňünden gaçyp, bir zady aýtmaga mejbur bolýaryn. Dolulygyna däl, her şahyryň goşgy-mersiýesinden iki-eke bent alaň-da bolsam, şu kitap ýygylyp, onuň korrekturasy elime gelen mahaly, tehniki sebäplere görä olaryň ençemesi düşürilmeli boldy.

Annaguly Nurmämmedowyň, Ylýas Hommadowyň, Amangeldi Amanowyň, Ilmyrat Pudakowyň, Öwezdurdy Nepesowyň, Orazmyrat Tüýliýewiň, Orazdurdy Atahanowyň we gaýry ýigrimä golaý awtoryň ýürekden syzdyryp G.Ezizowa bagyş eden setirlerini.

Belki-de, bu goşgularyň hemmesi «Mersiýe» ady bilen aýratyn kitap görnüşinde çap bolaýady-da…

Mämmet SEÝIDOW:
Gazan doly süýde gaçan zäk bolup,
Birje gün bir ýylyň tagamyn ýoýdy.
Adamlaryň gaýa ýaly göwresin
Ezilen torgaýa dönderdi goýdy…

Kerim GURBANNEPESOW
Aglarys öýtdük
Uzak, uzak, uzak.
Aglamak hakmy,
Aglamazlyk hak?

Ynsaba bagly
Bu garry sowal.
Häzir dymylsyn.
Jogap hökman däl.

Halyl KULYÝEW:
Bir garynda ýatmasam-da seň bilen,
Men bu giň dünýäde täk galdym sensiz.
– Gurbannazar öldi!?
Bu habar ýalan
Kimdir biri meni aldandyr kemsiz.

Adamlar, bir zada düşünmek gerek,

Näme üçin bir zady bileňizok siz?
Ýürek şeýle diýýär,
Şeý diýýär ýürek:
– Nädip ýaşamaly Gurbannazarsyz?

Italmaz NURYÝEW:
Siz gitdiňiz,..
Siziň bilen geçirlen
Goşguly gijeleň,
gündizleň baryn
Indi
her gün hakydamda oýaryp,
Şol goşa dünýäni göterip ýörün…

Öwezmyrat BABAÝEW:
Seni tanamaýan käbir şahyrlar
Aýagaldygyna «şygyr» ýazýarlar,

Bu döwürde uzalypdyr susaklar,
Seniň adyň bilen at gazanýarlar,
Olara ýagyp dur köp gonorarlar.
A sen zehinlere nazar salardyň,
Şonuň üçin Eziz Gurbannazardyň!..

Annaly BERDIÝEW:
Daglar, baglar, ýollar ýatladar durar
Nurana keşbini, gadyr-gymmatyň,
Hergiz kalbymyza hemra bor ýörer
Ýeke-täk zürýady Eziz Hümmediň…

Atamyrat ATABAÝEW:
Bu dünýäden doýman giden
Hasratdan hem öz söýgüsinden başga
Hiç zat goýman giden öýüň erkegi
Süýji janyn alyp gidip,
Çagalary horlama diýp aýalna
Gara güýjün goýup giden ýalydy…

Ahmet GURBANNEPESOW:

…Bir oňat gyz sypan
Hem şemal sypan
Bu başym gargadyr
Bilbile hekem,
Maňa
«Göwnüň çökgün» diýme, halypam,
Şem ýanan mahaly
Aglaýan eken…

Nobatguly REJEBOW:
…Ýanýar, daragtlaryň ýapragy ýanýar!
Wah, gyrmyzy güýzüň derdi öňdenem…
Bu ot alan güýzi gözýaşlar bilen
öçürersiň neneň?
Öçürjek neneň?

Nazar GULLAÝEW:
Gyş geler, daglarmyz gara bürener,
Ýaz geler, baglarmyz bara bürener,
Tomus ger, ülkämiz nura bürener,
Ah, ýöne güýz geler Gurbannazarsyz!:.

Gurbandurdy GELDIÝEW:
…Bu säher durnalar gykuwlap ötdi,
Urulman, ýorulman, salamat baryň.
Durmuşymyz geçip barýar göýäki
Dowamaty bolup ir öçen ömrüň.

Bu säher gykuwlap geçen durnalar
Geçmejek ýalydy soňra-soňralar.,.

Gurbanýaz DAŞGYNOW:
Durnalar gaýmak dek syrylyp güýzde,
Ýapraga ýaýranda güýzüň gussasy,
Gelýär durnalaryň owazy bilen
Gurbannazaryň sesi.

Näzik ANNATYÝEWA:
Gursagyňyz aýdymlardan doludy,

Neneňsi kesildi juwan ömrüňiz?
Aramyzdan ir gitdiňiz sogrulyp,
Tüs gülleýän,
Miwe berýän döwrüňiz…

Orazmyrat GURDOW:
…Düşündim ýüregim hem janym bilen
Ak güllere meňzeş gowy adamlar,
Indi agyryňyz duýup bilýän men.
Eý, ajyny hem süýjini dadanlar!
Dünýäň özüne-de güldür öýüdýän,
Adamlara aşykdyryn, zardaryn.
Şolaň garşysyna erbetlik edýän
Betpäl bogmasamam, bergidardyryn.

Alty AKMÄMMEDOW.
Erkek ýöne ýere gözýaşyn döküp,
Aglaýan däldir.
Hasrat sorap durmaz: ejizmiň, mertmiň?
Sylaýan däldir…

Amanmyrat BUGAÝEW:
…Ynha menem goşgy ýazýan sen hakda
(Düýn-ä oglanmyşym, bu gün hem goja!)
Seniň diri wagtyň ýeriň ýüzünde,
Bu dana sözlerim gidipdi küje?!

Amandurdy ANNADURDYÝEW:
Aýdym bolup ýatyrlar
Aýdym ýaly ýigitler
Bu topragyň astynda.
Gara ýere hem
Aýdym
Gerek eken aslynda

Şadurdy ÇARYGULYÝEW:
…Penjireleň tutusyn
Oýnan girýän şemalda

Seň sesin bar,
ol bize
Kuwwat berýär her hadda.

Annaberdi AGABAÝEW:
Sözlense bir ataň goç ogly hakda,
Bir eneň ýaz ogly hakda sözlense,
Basdaşyna – bägül,
Balasyna – bal,
Ýoldaşyna – gardaş,
Dostuna – ykbal
Ýigitleň içinden ýigit gözlense,
Saňa meniň gözlerimden gitme ýok,
Saňa meniň sözlerimden gitme ýok!..

Jahyllar agzasa «jahyllyk» sözün,
Kämiller agzasa «kämillik» sözün,
Şygyrýet bagynda
Juwan çagynda
Bir gunça göterip nurana ýüzün,
Ýagtyltsa azajyk türkmeniň düzün,
Saňa meniň gözlerimden gitme ýok,
Saňa meniň sözlerimdeň gitme ýok.

Baharyň çogunda,
Çilläň garynda
Daň ýyldyzyň dogjak-dogjak çagynda
Ýaşlygmyzyň şol gadymy bagynda
(Üstüňden geçse-de tomuslar, gyşlar)
Seni aýdym edip saýraýar guşlar,
Şoňa meniň gulagymdan gitme ýok,
Şoňa meniň ýüregimden gitme ýok!..

…Hawa, Azyz Hümmediň ogly şahyr Gurbannazar türkmen halkynyň taryhyna girdi. Taryha bolsa el degirmek gadagandyr.
Men hem şu belliklerimi taryhymyzyň Gurbannazarly sahypasyny ne bir owadanlamak, ne-de bedroýlaşdyrmak niýeti bilen ýazdym. Diňe öz bilenimi sözledim. Ýagny bu ýazylanlar täk bir adamyň

nazaryna ilenlerdir.
Şonuň üçin hem bu kitapçanyň üstüne zat goşmak ýa aýyrmak, munuň içindäkileri has-da takyklamak, düzetmek meýli bolan her bir adamyň şeýle sözi, belligi örän gymmatlydyr. Şeýle seslenmeleri, janly şaýatlary ýene elli ýa-da ýüz ýyldan dünýä malyny berip hem tapyp bolmajagy hakdyr.
Ýazyň, ýalňyş-u-säwlikleri takyklaň, türkmeniň taryhy indi berin bolşy ýaly ýazylawersin!

Teklip-bellikleriňizi şu adrese ibermegiňizi towakga edýärin:
744003. Aşgabat ş. Gurbannazar Ezizow adyndaky 3-nji ötük, jaý № I. AGABAÝEWE. Edebi makalalar